# ZAKASPİ OBLASTINDA SOVYETLERE KARŞI HAREKETİN TARİHİNDEN (1920-1925)
# ZAKASPI OBLASTYNDA SOWETLERE GARŞY HEREKETIŇ TARYHYNDAN (1920-1925-NJI ÝYLLAR)
## FROM THE HISTORY OF ACTIONS AGAINST SOVIETS IN TRANSCASPIAN OBLAST (1920-1925)

**TAHİR AŞİROV**
Yrd. Doç.Dr. Bülent Ecevit Üniversitesi
Asst. Prof.Dr. Bulent Ecevit University
tahirashirov@gmail.com
ORCID ID: orcid.org/0000-0002-9684-0834

**JUMADURDI ANNAORAZOV**
Dr. Mahtumkulu Devlet Üniversitesi
Dr. Mahtumkulu State University

Türkiyat Araştırmaları Enstitüsü Dergisi-Journal of Turkish Researches Institute
TAED-61, Ocak-January 2018 Erzurum
ISSN-1300-9052

| | | |
|---|---|---|
| Makale Türü-*Article Types* | : | Araştırma Makalesi-Research Article |
| Geliş Tarihi-*Received Date* | : | 27.09.2016 |
| Kabul Tarihi-*Accepted Date* | : | 13.12.2017 |
| Sayfa-*Pages* | : | 453-476 |
| DOI- | : | http://dx.doi.org/10.14222/Turkiyat1646 |

www.turkiyatjournal.com
http://dergipark.gov.tr/ataunitaed
*This article was checked by iThenticate or Turnitin.*

ATATÜRK ÜNİVERSİTESİ
TÜRKİYAT ARAŞTIRMALARI ENSTİTÜSÜ DERGİSİ
JOURNAL OF TURKISH RESEARCHES INSTITUTE
TAED-61, 2018. 453-476

# ZAKASPİ OBLASTINDA SOVYETLERE KARŞI HAREKETİN TARİHİNDEN (1920-1925)
# ZAKASPI OBLASTYNDA SOWETLERE GARŞY HEREKETIŇ TARYHYNDAN (1920-1925-NJI ÝYLLAR)
## FROM THE HISTORY OF ACTIONS AGAINST SOVIETS IN TRANSCASPIAN OBLAST (1920-1925)

TAHİR AŞİROV-JUMADURDI ANNAORAZOV

**Öz**

Sovyet döneminde (1917-1991) Orta Asya'nın diğer cumhuriyetlerinde olduğu gibi, Türkmenistan'da da Sovyetlere karşı hareket etme hakkında çok çalışma yapıldı. Genel olarak 1918-1921, 1924, 1927-1928 ve 1931-1933 yıllarındaki olaylar üzerinde çokça duruldu. Bu vakalar Balkan vilayeti ve çevresinde gerçekleşti. Ancak 1920 -1925 yıllarından önceki Zakaspi oblastının (1921 yılından 1924 yılının Ekim ayına kadar Türkmen oblastı) Aşkabat, Tejen ve Merv okruglarında Sovyetlere karşı gerçekleştirilen mücadeleler hakkında neredeyse hiçbir şey yazılmadı. Bunun temel nedenide Onun da temel nedeni bu yerlerde Sovyetlere karşı ayaklanma Türkmenistan'ın diğer yerlerindeki olaylara baktığında çok düşük seviyede oldu. Kaleme alınan yazıların çoğunda olaylar tek taraflı ele alınmıştı. Bunun için, bu makalede Türkmenistan'ın arşivlerinden toplanan belgelerin esasında 1920-1925 yıllarda Türkistan Otonom Sovyet Sosyalistik Cumhuriyetinin (TOSSC) Zakaspi (Türkmen) oblastında Sovyet hükümetine karşı çıkan ve ayaklanan grupların, onların gerçekleştirdiği mücadelenin tarihi beyan edilmeye çalışılmaktadır.

**Anahtar Kelimeler:** Türkmen, Türkistan, Zakaspi oblastı, Sovyetler, karşı hareket

**Abstract**

In the Soviet period (1917-1991) as it was in other Central Asian republics, in Turkmenistan there were written many works on actions against the Soviet regime. Especially, much attention was given to the events of 1918-1921, 1924, 1927-1928 and 1931-1933. These events occurred mostly in present Dashoguz (places where Khiva Turkmens lived) and Balkan velayats (regions) of Turkmenistan. But there was not written much on fights of 1920-1925 against Soviets in Transcaspian Oblast (from 1921 to October of 1924 the Turkmen Oblast) in Ashgabat, Tejen, Merv districts. The main reason of that is the revolts in these areas were in minimal level compared to the other parts of Turkmenistan. Many of the works reflected the events from only one side. Thus, in this article on the basis of materials obtained from archives of Turkmenistan, attempt is made to reflect the history of rebel groups that led fight against Soviet regime in the Transcaspian Oblast of Turkustan Autonomous Soviet Socialist Republic (TASSR).

**Key Words:** Turkmen, Turkustan, Transcaspian Oblast, Soviets, actıons agaınst

## Giriş

1920-1935-nji ýyllarda sowet häkimiýetine garşy alnyp barlan ýaragly göreş türkmen taryh ylmynda heniz doly öwrenilmedik meseleleriň biri hasap edilýär. Sowetler döwründe bu meseläniň taryhy bilen baglanyşykly köp sanly kitaplar, kitapçalar, makalalar we bu hereketi basyp ýatyrmaga gatnaşanlaryň köpsanly ýatlamalary çap

edildi. Emma olaryň aglaba bölegi propagandistik häsiýetdäki işlerdi, şonuň üçin hem biziň garaýan meselämiz bilen baglanyşykly wakalar "sowet ruhunda", birtaraplaýyn beýan edilýärdi.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan soň türkmen taryhynyň beýleki möhüm meseleleri bilen bir hatarda sowetlere garşy hereketiň taryhyny öwrenmekde-de ep-esli öňegidişlik gazanyldy. Geçen ýyllaryň dowamynda, aýratyn hem XX asyryň 90-njy ýyllarynda, şu meseläniň taryhy bilen baglanyşykly birnäçe işler neşir edildi. Bu wajyp işler häzirki döwürde-de dowam edýär (Annaorazow – Aşyrow, 2016; 2017).

Sowet Russiýasynda 1918-1920-nji ýyllaryň raýatlyk urşy tamamlanandan soň Türküstan ASSR-niň Zakaspi oblastynda, şeýle hem Hywanyň we Buharanyň türkmen ilaty ýaşaýan sebitlerinde sowet häkimiýeti berkarar edildi. Emma sowet häkimiýeti heniz berk däldi. Sebäbi raýatlyk urşy ýyllarynda ýeňlişe sezewar edilen sowetlere garşy güýçler öňki Hywa hanlygynyň we Buhara emirliginiň, Türküstan ASSR-niň Zakaspi oblastynyň Garagum çöli bilen serhetleşýän ýerlerinde we gum içinde ýerleşmek bilen, sowet häkimiýetine garşy göreşi täzeden ýaýbaňlandyrdylar.

## I- Zakaspi Oblastynda Sowetlere Garşy Hereketler

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başlarynda sowetlere garşy hereketiň ýaýran ýerleriniň biri-de Zakaspi oblasty boldy, Tejen sebitleri bolsa Zakaspidäki sowetlere garşy hereketiň merkezine öwrüldi. Ahal-Mary sebitleriniň sowetlere garşy göreşýän güýçleri hem kynçylyk ýüze çykanda, köplenç Tejeniň aýagyna gaçyp gelýärdiler. Demir ýoldan, dolandyryş merkezlerinden belli bir daşlykda ýerleşmegi Tejendäki güýçlere Zakaspiniň beýleki ýerlerine garanda has arkaýyn hereket etmäge mümkinçilik berýärdi. Emma Zakaspi oblastynda sowetlere garşy hereket Buharanyň, aýratyn hem Hywanyň türkmen ilaty ýaşaýan ýerlerindäkiden has gowşakdy hem-de guramaçylyk taýdan pes guralandy. Sebäbi Krasnawodsk, Aşgabat, Tejen we Merw uýezdleriniň ilatyndan çykan türkmen adamlary kolonial döwürde-de ýerli dolandyryş edaralarynda we patyşa goşunynda gulluk edipdiler. Sowet häkimiýeti berkarar edilenden soň hem Aşgabat we Merw uýezdleriniň ilaty Zakaspidäki sowet häkimiýetiniň esasy daýanjy boldy. Oblastyň ýerli dolandyryş edaralarynyň, partiýa-sowet guramalarynyň işgärleri hem esasan şu uýezdleriň wekillerinden jemlenýärdi. Ýöne olaryň arasynda Tejen uýezdinden bolan adamlar hem az däldi.

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başlarynda Zakaspi oblastynda sowetlere garşy göreşýän birnäçe toparlar hereket edýärdi. Bu barada Ýeni Türkestan" žurnalynda "Türkmenistanda Menşewik we İňlis häkimiyeti ýyllarında Oraz Serdar, Tijen Abbas we beýlekileriniňbaştutanlygy astynda tertipli we tertipsiz aýry aýry Türkmen toparlary emele geliptir" diýip ýazypdyr (Ýeni Türkistan, 1928, s. 1-6.; Togan, 1981.) Zakaspi oblastynda sowetlere garşy göreşýän birnäçe toparlar uzak wagtlap dowam edendigi barada Baýmyrza Haýyt "Türkestanlılar (Türkmenler) Ak gwardiýaçılardan entäk 1919 ýylynda aýyryypdylar we azatlık soweşçilerinin kömegi bilen hem sowetlere garşy bolan soweşlweini kabir toparlar 1934 ýylyna çenli dowam etdirýärler" diýip ýazypdyr (Baýmyrza, 1997, s. 89.). Türkistan Dewletleriniň Milli Müjadeleleri Tarihi. Ankara: Türk Tarih Kurumu ýaý.Olar esasan oblastyň Poltorask (Aşgabat), Tejen (häzir Ahal welaýatynyň Tejen, Babadaýhan, Altyn Asyr we Sarahs etraplary) we Merw (häzir Mary

welaýaty) uýezdlrinde hereket edýärdiler. Gürrüňi edilýän döwürde häzirki Balkan welaýaty (şol döwürde Krasnawodsk uýezdi) boýunça diňe Garrygala sebitlerinde (häzirki Magtymguly etraby) hereket eden Begenjiň baştutanlygyndaky 6 adamdan ybarat bolan topar hasaba alnypdyr. Aşakda Zakaspi oblastynyň üç uýezdinde sowetlere garşy hereket eden toparlar hakynda maglumat getirilýär.

**A. Poltorask Uýezdi Boýunça**

1. Doganlar Semizowlar – 9 adam;
2. Aman Kör – 7 adam;
3. Gurban Hoja – 9;
4. Nobat Artyk – 10;
5. Annamyrat – 11;
6. Annaberdi – 10;
7. Sary Teke – 9;
8. Gara Çopan – 5;
9. Kuly Kömek – 7;
10. Sapar Aly – 6;
11. Gurban Aly – 5;
12. Baýram Lagar – 11;
13. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk topar – 3;
14. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk topar – 3;
15. Begenç – 6.

Tutuş Poltorask uýezdi boýunça 15 topar bolup, ýigitleriniň jemi sany 109-a barabar bolupdyr (TMDA. Gazna, 177, ýazgy*, 1, iş 33, s. 80.).

**B. Merw Uýezdi Boýunça**

1. Jalwar han – 9;
2. Goçmyrat han – 6;
3. Annamyrat – 11;
4. Meret Durdy – 10;
5. Ýagmyr Bagşy – 5;
6. Gara Gylyç – 3;
7. Meret Murt – 8;
8. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk başga ýerden gelen topar – 20;
9. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk başga ýerden gelen topar – 26;
10. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk başga ýerden gelen topar – 100;
11. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk başga ýerden gelen topar – 20;
12. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk başga ýerden gelen topar – 7;
13. Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk başga ýerden gelen topar – 20;
14. Ata Mäneli – ?;
15. Ilmämmet Işanow – ?;

* Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi (mundan beỳläk TMDA). Gazna (mundan beýläk “g”) ýazgy (mundan beýläk “ý”).

16. Daň han – 40.

Tutuş Merw uýezdi boýunça 16 topar bolup, olardaky ýigitleriň jemi sany Ata Mäneli bilen Ilmämmet Işanowyň toparyndakylar hasaba alynmanynda 265 adamdan ybarat bolupdyr (TMDA, g. 177, ý.1, iş 33, s. 80-81.).

**C. Tejen Uýezdi Boýunça**

1. Allanur Mynyja – 15;
2. Anna Saryýew – 16;
3. Çerkez han – 13;
4. Begler – 30;
5. Annaguly – 10;
6. Gara Gurban – 7;
7. Annanyýaz – 11;
8. Ýedi – 15;
9. Sary han – 40;
10. Halmyrat – 12;
11. Kasym – 20;
12. Anna Nury – 16;
13. Berdimyrat – 23;
14. Berdi we Sähet Muhamowlar – 27;
15. Annanyýaz – 7;
16. Gotur – 10.

Tutuş Tejen uýezdi boýunça 16 topar, 261 sany ýigit hasaba alnypdyr. 1920-1925-nji ýyllarda häli-şindi üýtgäp duran maglumatlara görä, bütin Zakaspi oblasty boýunça jemi 47 sany topar hasaba alnyp, olardaky ýigitleriň jemi sany 535-e barabar bolupdyr (TMDA, s. 81.). Emma oblastyň içeri işler edaralarynyň hasabatlarynda aýdylyşy ýaly, bu maglumatlar doly däl hasap edilipdir. Sebäbi köp toparlaryň häli-şindi serhetden aňryk-bärik geçip durmaklary, olaryň takyk hasabatyny ýöretmäge mümkinçilik bermändir. Üstesine-de, ýokardaky maglumatlardan görnüşi ýaly, hasabatlarda Tejen hem-de Merw uýezdleriniň çöllük etraplarynda hereket eden we bu sebitleriň sowetlere garşy esasy güýçlerini özünde jemlän Hojaguly hanyň topary barada hiç zat aýdylmaýar.

Türkmen halkynyň geçmişi hem-de XX asyr taryhy barada köp maglumatlary toplan S. Gurbanowyň düzen tablisasynda Tejen uýezdinde ýokarda ady tutulanlardan başga-da Amanmyrat dilmajyň (40 atly), Ata şyryň (12), Abdy Garaýörmäniň (25), Çary Mellegiň (12), Gully Çolagyň (10), Sähedi Hojamyradyň (30), Gulmaý hanyň (10), Hümmi Syçmazyň (10) we Baýram Bukawlynyň (10) toparlarynyň hereket edendigi görkezilýär. Sowetlere garşy göreşen güýçler bilen alnyp barlan söweşlere gatnaşyjy B. Nyýazowyň ýazgylarynda Bäherden (häzirki Baharly etraby) taraplarda Galkan paryň we Sapar paryň atlary getirilýär (TSRMDA*. g.51,ý.16, iş 468, s.23; iş 601, s. 19.). Bulardan başga-da Z. Gabitow Tejende hereket eden toparlaryň arasynda Salyh baýyň baştutanlygynda 20 atlynyň, şeýle hem Mary-Tejen taraplarda hereket eden Ata Mäneliniň toparynda bolsa 40

* Türkmenistanyň syýasy resminamalaryň merkezi döwlet arhiwi (mundan beýläk TSRMDA).

atlynyň bolandygyny belleýär (TSRMDA, iş. 195, s. 21.). Zakaspi oblastynda hereket eden toparlara garşy alnyp barlan söweşlere gatnaşan K. Hümmedow Mary sebitlerinde Hally Sarygyň, Akynyýaz hanyň, Hydyr Ärsarynyň we Sapargulynyň baştutanlygyndaky toparlaryň atlaryny hem tutýar (TSRMDA, iş 833, s. 57.). Bulardan başga-da, bu döwürde Mellek Kuly Söwdagärowyň, Homma Işanowyň, Muhammet Kulynyň hem ownuk toparlary ýatlanyp geçilýär (TMDA, g. p-78, ý. 2, iş 5, s. 2).

1920-1925-nji ýyllarda Zakaspi oblastynda sowet häkimiýetine garşy çykyş eden toparlar bilen alnyp barlan söweş hereketleri, olaryň garşysyna hereket eden milisiýa bölümleri we taraplaryň ýitgileri barada käbir umumy maglumatlar ýüze çykaryldy. Bu barada aşakdaky tablisada berilýär. (TMDA, g. 117, ý. 1, iş 33, s. 83-84.)

| № | Atlybaşylar | sany | söweşiň bolan wagty | Öldürilen baştutan | Öldürilen jigit | Ýaralanan baştutan | Ýaralanan jigit | ýesir düşen baştan | ýesir düşen jigit | söweş alyp baran sowet bölümleri | sowetleriň ýitgileri ölen | sowetleriň ýitgileri ýaraly | alnan oljalar | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | | tüpeň | atlar | mallar |
| 1 | Keseki ýurtly | 20 | 03.1921 | - | - | - | - | 1 | 14 | Guşgy milisiýa bölümi | - | - | 20 | 20 | 1000 |
| 2 | Semizowlar | 2 | 05.1921 | - | - | - | - | 1 | 1 | Poltorask milisiýa bölümi | - | - | 2 | 2 | - |
| 3 | Ýagmyr Bagşy | 5 | 7.02.1921 | 1 | 4 | - | - | - | - | Ilmyradowyň serkerdeligindäki Ýolöten erkin milisiýa bölümi | - | - | 5 | 5 | 5000 |
| 4. | Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk topar | 5 | 05.05.1921 | - | 7 | - | - | - | - | Zahwatowyň serkerdeligindäki Baýramaly milisiýa bölümi | - | - | 8 | 7 | 2000 |
| 5 | Meret Durdy | 10 | 23.11.1921. | - | - | - | - | - | - | Togtamyş erkin milisiýa bölümi | - | - | - | - | 1000 |
| 6 | Goçmyrat | 6 | 01.1922 | - | - | - | - | 1 | 5 | O. Sopyýewiň serkerdeligindäki Merw uýezd erkin milisiýa bölümi | - | - | 6 | 6 | - |
| 7 | Serkerdesiniň kimligi takyklanyl-madyk topar | 20 | 18.10.1922 | - | 3 | - | - | - | 6 | Ilmyradowyň serkerdeligindäki Ýolöten erkin milisiýa bölümi | - | - | 9 | 9 | - |
| 8 | Begler | 30 | 02.10.1923 | - | 14 | - | - | - | - | Tejeniň milisiýa bölümi | - | - | 14 | 17 | 3587 |
| 9 | Ýedi | 15 | 16.02.1924 | 1 | 13 | - | - | - | 1 | Tejeniň milisiýa bölümi | - | 2 | 15 | 15 | - |
| 10 | Serkerdesiniň kimligi takyklanylmadyk topar | 5 | 16.02.1924 | - | 3 | - | - | - | - | - | - | - | 3 | 4 | - |
| 11 | Serkerdesiniň kimligi takyklanyl- | 3 | 25.11.1924 | - | 3 | - | - | - | - | Daýna obasynyň öz-özüňi goraýyş | - | - | 3 | 3 | - |

| | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | madyk topar | | | | | | | | | topary | | | | | |
| 12 | Aman Kör | 7 | 27.05.1920 | - - | | - - | | 1 6 | | Bäherdeniň öz-<br>özüňi goraýyş<br>topary | - | - | 7 | 7 | - |
| 13 | Serkerdesiniň<br>kimligi<br>takyklanylmadyk<br>topar | 100 | - | - | 4 | - | - | - | - | Enwer hanyň<br>serkerdeligindäki<br>Tagtabazar-<br>Ýolöten erkin<br>milisiýa bölümi | - | 1 | 4 | 4 | - |
| 14<br>15<br>16<br>17<br>18 | Gurban Hoja<br>Nobat Artyk<br>Annamyrat<br>Annaberdi<br>Sary Teke | 48 | - | - | - | - | | 5 | 48 | Bäherdeniň erkin<br>milisiýa bölümi | - | - | 48 | 48 | - |
| 19<br>20<br>21<br>22 | Gara Çopan<br>Kuly Kömek<br>Sapar Aly<br>Gurban Aly | 24 | - | - | | - | - | 4 | 24 | Poltorask<br>milisiýa<br>bölüminiň erkin<br>milisiýasy we<br>öz-özüňi goraýyş<br>topary | - | - | 24 | 24 | - |
| 23 | Serkerdesiniň<br>kimligi takyklanyl-<br>madyk topar | 26 | 07.01.1923 | - | 6 | - | - | - | - | Akmyrat Gylyç-<br>myradowyň<br>serkerdeligin-<br>däki Baýramaly<br>milisiýa bölümi | 1 | - | 43 | 5 | - |
| 24 | Meret Murt | 8 | - | - | - | - | 2 | - | - | Merw milisiýa-<br>synyň bölümi | 1 | 1 | - | - | - |

Bellik: Tablisada sowet milisiýa bölümleri üçin netijesiz tamamlanan söweşler hasaba alynmandyr.

**II-Sowetlere Garşy Hereket Eden Toparlaryň Geçiren İşleri**

Sowetlere garşy hereket eden toparlaryň geçiren işleri barada aýdylanda, 1920-nji ýylyň ahyrynda – 1921-nji ýylyň başynda olar öz hereketlerini işjeňleşdirip başlaýarlar. 1921-nji ýylyň ýanwarynda Goçmyrat hanyň topary Wekilbazarda milisiýa bölümi bilen çaknyşýar. Şonda iki adam öldürilýär (TMDA, 1, iş 22, s. 43.). 1922-nji ýylyň noýabrynda Garrygala wolostynyň Gerkez obasynyň ýanynda bolan çaknyşykda Begenjiň topary O. Täçmämmedow tarapyndan serkerdelik edilýän Bäherden milisiýa bölümi tarapyndan serhetden aňryk gysylyp çykarylýar. Edil şol döwürler O. Sopyýewiň serkerdeligindäki Merw milisiýasynyň topary hem Meret Durdyny daşary ýurda gitmäge mejbur edýär.

Bu döwürler serhedin aňyrsyndan Merw uýezdiniň ýerlerine ýaragly toparlar hem çozuşlary geçirip, ýerli ilatyň mallaryny talapdyrlar. 1921-nji ýylyň martynda Guşgy (häzirki Serhetabat) milisiýasynyň ýaragly bölümi tarapyndan Merw uýezdinden 1000 goýny sürüp äkitmäge synanyşyk eden owgan polkownigi ýanynyň 19 serbazy bilen saklanylýar (TMDA, g. 117, ý. 3, iş 39, s. 114.). Şonuň üçin hem sowetlere garşy göreşýän toparlara we daşary ýurtly galtamanlara garşy göreşmek üçin Zakaspi oblastynda we uýezdlerde milisiýanyň ýaragly bölümleri döredilip başlanýar.

**A. Zakaspi oblast milisiýa edaralary**

1921-nji ýylda Zakaspi oblast milisiýa edaralarynyň şunça mukdarda gullukçylary bolupdyr:

1. Oblast milisiýa edarasynda – 11 adam;
2. Poltorask uýezd-şäher milisiýasynda – 172 adam;
3. Merw uýezd milisiýasynda – 258 adam;
4. Tejen uýezd milisiýasynda – 184 adam;
5. Krasnowodsk uýezd milisiýasynda – 75 adam.

Tutuş Zakaspi oblasty boýunça 680 milisiýoner gulluk edipdir (TMDA, ý. 1, iş 22, s. 60.).

Merw milisiýasynyň ilkinji ýaragly bölümi 1920-nji ýylyň 11-nji martynda döredilýär. «Aýratyn atly topar» diýlip atlandyrylan bu bölümde 34 sany türkmen ýigidi gulluk edip, onuň serkerdeligine Ç. Kömekow bilen O. Sopyýew bellenýär. 28 atlydan ybarat şeýle bölüm 1921-nji ýylda Togtamyş wolostynda-da döredilip, oňa E. Güjükow serkerdelik edipdir. (TMDA, s. 62.)12. Elbetde türkmenlerden düzülen ýaragly milisiýa bölümleriniň uly ähmiýeti bolupdy. Sebäbi raýatlyk urşy tamamlanandan soň oblastda parahatçylygy ornaşdyrmakda, jenaýatçylyga garşy göreşmekde, türkmen-owgan we türkmen-eýran araçägini goramakda ýaragly milisiýa bölümleri uly işleri bitirdiler. Serhet goragy barada aýdylanda, onuň goragy 1924-nji ýylyň 5-nji aprelinden amala aşyrylyp başlanypdy (TMDA, g. 141, ý.1, iş 145, s. 241.).

**B. Zakaspi Oblast Milisiýa Otrýadlary**

1922-nji ýylyň 4-nji aprelinda Türküstan ASSR Halk Komissarlar Soweti oblast ispolkomlaryna meýletin milisiýa otrýadlaryny döretmäge ygtyýar berýär (TMDA, g. P-78, ý. 2, iş 68, s. 88.). Olary «erkin milisiýa otrýadlary» diýip hem atlandyrypdyrlar. Karara laýyklykda meýletin milisiýa otrýadlary ispolkomlar tarapyndan döredilip, onuň işine uýezd-şäher milisiýa bölümleri jogap beripdirler. Meýletin milisiýa otrýadlary uýezd-şäher milisiýa bölümleriniň tabynlygynda bolup, olar diňe sowetlere garşy göreşýän güýçleriň hereketine we galtamançylyga garşy göreşmek maksady bilen döredilipdir. Olary içerki gullugy amala aşyrmaga çekmeklik gadagan edilipdir. Netijede, 1922-nji ýylda Zakaspi oblastynda eýýäm meýletin ýa-da erkin milisiýa otrýadlarynyň 8-i hereket edýärdi:

1. Togtamyş meýletin milisiýa otrýady – 28 atly;
2. Utamyş meýletin milisiýa otrýady – 35 atly;
3. Ýolöten meýletin milisiýa otrýady – 25 atly;
4. Baýramaly meýletin milisiýa otrýady – 20 atly;
5. Tagtabazar meýletin milisiýa otrýady – 24 atly;
6. Tejen meýletin milisiýa otrýady – 35 atly;
7. Poltorask meýletin milisiýa otrýady – 38 atly;
8. Gökdepe meýletin milisiýa otrýady – 36 atly.

Tutuş oblast boýunça jemi 247 atly. 1923-nji ýylda meýletin milisiýa bölümlerinde gulluk edýänleriň sany 337 atla çenli artdyrylýar. (TMDA, g. 117, ý. 1, iş 48, s. 69-70.) Milli düzümi boýunça olarda diňe türkmenler gulluk edipdirler, ýöne bäş sany rus milletinden bolan gullukçylar hem bolupdyr.

Meýletin milisiýa otrýadlary döwlet tarapyndan maliýeleşdirilmändir we olar özbaşdak hereket edipdirler. Olary azyk önümleri, egin-eşik, ulag, aýlyk bilen degişli uýezd ispolkomlary tarapyndan üpjün edilipdir we degişli uýezdiň ilatyndan ýygnalýan serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilipdir. 1925-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli Türkmenistan SSR-i boýunça meýletin milisiýa otrýadlarynyň düzüminde 221 adam gulluk edipdir. Olar okruglar boýunça şeýle bölünipdir:

1.Poltorask okrugy – 21 adam;
2.Merw okrugy – 40 adam;
3.Çärjew okrugy – 45 adam;
4.Kerki okrugy 45 adam;
5.Daşoguz okrugy – 71 adam.(TMDA, g. 3/78, ý. 1, iş 14, s. 77.)

Öz döwründe SSSR Ýaragly Güýçleriniň baş serkerdesi Kamenew «meýletin milisiýa bölümleri respublikalarda milli goşunlary döretmegiň ýolunda ilkinji ädim boldy» diýip belläpdir (TMDA, iş 63, s. 35.).

**C. Zakaspi Oblastynda Aýratyn Maksatly Bölümler**

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başynda Zakaspi oblastynda kommunistik partiýanyň agzalaryndan düzülen «aýratyn maksatly bölümler» (ÇON*) hem döredilýär. ÇON-lar Zakaspi oblastynda 1921-nji ýylyň 10-njy sentýabryndan döredilip başlanýar (TSRMDA, g. 39, ý. 1, iş 4, s. 53.). ÇON-laryň agzalary «kommunarlar» diýlip atlandyrylýardy. Olaryň maksady partiýa agzalaryna harby işi öwretmekden, «rewolýusiýanyň esgerlerini» terbiýeläp ýetişdirmekden ybarat bolupdyr (TSRMDA, iş 16, s. 40.). 1923-nji ýylyň 1-nji sentýabryna çenli ÇON-lardaky kommunarlaryň sany 551 adam ýetip, olar aşakdaky etraplarda we şäherlerde döredilipdir:

1. Ginzburg aýratyn rotasy – 53 adam;
2. Krasnawodskda – 80 adam;
3. Gazanjykda – 72 adam;
4. Poltoraskda – 346 adam.(TSRMDA, s. 56.) Olarda dürli milletleriň wekilleri gulluk edipdirler.

**III-Hojaguly Hanyň Sowetlere Garşy Hereketler**

**A. Hojaguly Han we Sowetlere Garşy Hereketler**

1920-1925-nji ýyllarda Zakaspi oblastynda sowetlere garşy hereket eden toparlaryň san taýdan ulusy we guramaçylyk taýdan has kämil guralany Hojaguly hanyň baştutanlygyndaky toparlanşyk bolupdyr. Hojaguly hana çenli Tejen hem-de Merw uýezdlerindäki toparlaryň hereketi känbir guramaçylykly ýagdaýda bolmandyr; ol dagynyk häsiýetdedi.

Fewral rewolýusiýasyndan öň Tejende musulman mekdebinde mugallymçylyk eden Hojaguly Nyýazgulyýew Eziz hanyň (1887-1919) egindeşleriniň biri bolupdyr. Hojaguly han Wagtlaýyn hökümetiň döwründe Zakaspi oblastynyň Türkmen ispolnitel

* Bu bölümler rus dilinde «Части особого назначеня (ЧОН)» diýlip atlandyrylypdyr.

komitetiniň işeňňir agzalarynyň biri bolupdy*. Ol 1918-1920-nji ýyllarda Eziz hanyň ýüzbaşylarynyň biri hökmünde tä akgwardiýaçylar ýeňlişe sezewar edilýänça aklaryň tarapynda durup söweşipdir. Eziz han Tejen oazisinde öz häkimiýetini berkarar edenden soň, häkimiýetleriň buýruklaryna garamazdan, özüçe häkimiyetini goramagy başarypdyr. Bu barada Baýmyrza Haýyt , "Eziz hanyň goşunlaru, ýene Tejen oaizisinde 1919 ýylyna çenli gyzyl we ak Ruslara garşy görülmedik gahrymanlyk bilen soweşdiler" diýip ýazypdyr (Baýmyrza, 1995, s. 281.). Ýene-de bu temada "Ýeni Türkestan" žurnalynda *şeýle* ýazypdyr.

> *"Türkestanyn Zakaspiý welaýatynda bolşowikler garşy göreşen we Merw töweregindäki söweşlerde ýüzlerje şehit we gurban berip bolşawikleri yzyna gaýtarmagy başaran Ezizi hanyň goşuny, padişanyn generaly Denikine boýun egmänligi üçin, 1919 ýylda Aşgabatda bolan İňlis komandirlerinden general Malleson tarapyndan ýaragsyzlandyrmak isledi. Eziz han, ýaraglaryny bermejek üçin şehit boldy "*
>
> *(Ýeni Türkistan, 1929, s. 5.).*

Hojaguly han 1918-nji ýylyň awgustynda 30 atly bilen Zakaspiniň Funtikow tarapyndan baştutanlyk edilýän eser-menşewistik hökümetiniň adyndan Hywa – Jüneýt hanyňka hem gidipdi. Bu barada S. Narmedow, "1918-nji ýylyň awgustynda Zakaspiy ak gwardiýaçylary we interwentleri Jüneýit hanyň ýanynda patyşa goşunynyň ofiseri Hıjaguly hany ygtyýarly wekil hökmünde iberdiler" diýip ýazypdyr (Narmedow,1976, s. 51.). Ol 1918-nji ýylyň noýabr aýynyň ahyrlarynda Jüneýt hanyň Dörtgüle guran ýörişine-de gatnaşypdyr. 1919-njy ýylyň iýulynda 65 atly bilen Hojaguly han bu ýere ikinji gezek gelýär. Hojaguly han şol ýylyň oktýabrynda Aşgabatdan Jüneýt hana "Remington" iňlis firmasynyň önümi bolan 3 müňden gowrak tüpeň hem-de gülle getirip berýär. Ol Hywada tä Jüneýt hanyň häkimiýeti synýança galypdyr (Nepesow, 1962, s. 111, 116.).

Hojaguly han iňňän batyr esger we edenli serkerde bolsa-da, ýeňlişiň agyr ejirlerini çekmeli bolupdyr. 1919-njy ýylyň maý aýynda Eziz hanyň orunbasary Gyzyl han öz serkerdesiniň ýigitleriniň köpüsi bilen gyzyllaryň tarapyna geçse-de (Täşliyew, 1983, s. 141.), Hojaguly han aklaryň tarapynda durup söweşmegini dowam etdirýär. 1919-njy ýylyň tomsunda ol Bamynyň golaýyndaky söweşde özüniň orunbasary hem-de dosty Poşmak Pälwany hem aldyrýar.

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başlarynyň sowet goşunlary tarapyndan uruşyp alynmagy barada G.I. Karpow "16-njy mayda Anninkow (Zähmet) we Gurban gala stansiyaları sowet goşunlary tarpyndan uruşylyp alyndy. Ýene-de may aýynyn 21-nde – Baýramaly, 23-nde – Mary, 24-nde Guşka, 7-nji iýunda – Tejen, 3-nji iýulda Kaka we 9-njy – Aşgabat şäherleri alyndy" diýip ýazypdyr (Karpow,1940, s. 34.). Zakaspi fronty

---

* Bu barada seret: Подготовка и проведения Великой Октябрьской социалистической революции в Туркменистане. – Ашхабад, 1982, с. 73-76; Караш хан оглы Иомудский. Туркмены и революция (Десять лет тому назад в Туркмении). //Туркменоведение. 1927; Аннаоразов Дж. Судьба Ходжакули Ниязкулиева. // Возрождение. 1998, №11.

ýatyrylandan soň we Jüneýt han gyzyllardan ýenlenden soň ol Tejeniň we Marynyň aýagyndaky guma dolanyp gelýär we töweregine 100-den gowrak ýaragly nökeri jemläp, täze hökümete garşy göreşe başlaýar. Ol Hywada häkimiýetini aldyryp, Garaguma çekilen Jüneýt han bilen hem ýakyn aragatnaşyk saklapdyr (Annaorazow, 1998, s. 16.). Jüneýt hanyň Garaguma çekilenmesi ýöne ýerden däldi. Sebabi çölde Türkmen taýpalary ýaşaýardy. Bu barada M. Broxup "Burada çöller we oaizislerde bolan Türkmen taýpalary ýaşaýardylar. Basmaçylar hemmesi diýen ýaly Türkmenlerdendir" diýip ýazypdyr (Broxup, 1984, s.4.)

Hojaguly hanyň güýçlenmegi söwet häkimiýetini ynjalykdan gaçyrýardy. Sebäbi Tejeniň hem-de Marynyň ilatynyň bir bölegi aç-açan goldamasa-da, oňa raýdaşlyk bildirýärdi we ony gerek-ýarak zatlar bilen üpjün edýärdi. Şu ýagdaýy göz öňünde tutup, sowet häkimiýeti Hojaguly hanyň ýaragyny taşlatmak üçin harby çärelerden başga-da, parahatçylykly usullary hem ulanypdyr. Häkimiýetleriň adyndan Hojaguly hanyňka wekiller häli-şindi diýen ýaly gelip durupdyrlar. Wekiller sowet häkimiýetiniň öň aklaryň hatarynda durup söweşen türkmenleriň ählisi babatynda günä geçişlik yglan edendigini we Hojaguly hanyň parahatçylykly durmuşa geçip biljekdigini aýdýardylar. Emma Hojaguly han köp wagtlap ýaragyny taşlamandyr, ýöne sowetleriň garşynya nähilidir bir işjen hereketleri hem alyp barmandyr.

1920-nji ýylyň tomsunda sowet hökümetiniň haýyşy boýunça Hojaguly hanyňka Magtymguly han gelýär. Ol sowet hökümeti bilen Hojaguly hany ýaraşdyrmaga çalşypdyr. Gepleşikler Tejeniň aýyagyndaky gumda – "Gyzganly" diýen ýerde geçirilipdir. Magtymguly hana we onuň ýanyndaky sowet wekilleri – Tejen rewkomynyň başlygy Ç. Myradowa we Marydan gelen wekil Nepesowa, Hojaguly hany ýaragyny taşlamaga yrmak kynlyk bilen başardýar. Ilki onuň atlybaşylary Hojamyrat han, Amanmyrat han, Nejim han, Goçmyrat han (soňky Merw uýezdinden), iň soňunda bolsa Hojaguly hanyň özi ýaraglaryny tabşyrýarlar.

Öz döwrüniň sowatly adamlary hökmünde Hojaguly hana we onuň ýanyndakylara ýerli sowet edarasynda wezipeler hem berilýär. Hojaguly hana Tejen rewkomynyň administratiw bölüminiň müdiri, inisi Kuly hana Tejen milisiýasynyň ýaragly bölüminiň serkerdesi, Amanmyrat hana bolsa Tejeniň erkin milisiýa otrýadynyň serkerdesi wezipeleri ynanylýar. Hojaguly hanyň ýigitleriniň ençemesi uýezd milisiýasyna gullyga durýarlar (TMDA, g. 117, ý. 1, iş 33, s. 109; TSRMDA.g. 51, ý. 16, iş 407, s. 109; iş 833, s. 82.). Emma tiz wagtdan sowet hökümeti Hojaguly hanyň geçmişi bilen baglanyşykly dürli bahanalary arap, ony tussag edýär. Öňki ýigitleriniň biriniň kömegi bilen Hojaguly hana tussaglykdan gaçmak başardýar we ol ýene-de töweregine ýigitleri ýygnap ugraýar. 1922-1923-nji ýyllarda Hojaguly hanyň atlylarynyň sany 300-e golaýlaýar (TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 195, s. 21; Karpow, s. 9.). Munuň özi şol döwrüň we Garagum çölüniň şertlerinde uly güýçdi. Hojaguly hanyň ýigitleriniň sanyny 150-200 çemesi edip görkezýän işler hem bar (Taşliýew, Kuprikowa, 1984, s. 92; TSRMDA. g.51, ý. 16, iş 833. s. 214.).

Mary we Tejen uýezdleriniň demirgazygyndaky Ýusuphan, Ýamancage, Ortaguýy, Tärimli, Atgyrlan, Balguýy, Ýaglyçäge we beýleki guýylarynda ýerleşmek bilen, Hojaguly hanyň ýigitleri çarwalaryň we bu uýezdleriň medeni zolakdaky obalarynda sowetlere garşy wagyz işlerini geçiripdir. Ol öz wagyzlarynda türkmenleri bir bitewi döwlete birleşmäge çagyrypdyr.

Hojaguly hanyň ýigitleri ilatyň arasynda many-mazmuny sowetlere garşy gönükdirilen listowkalary, proklamasiýalary – ýazgylary hem ýaýradypdyrlar. Şeýle mazmunly listowkalaryň biri 1921-nji ýylyň 20-nji dekabrynda 10-njy bronepoezdiň razwedkaçylary tarapyndan Tejen şäherinden uzak bolmadyk Amanşagapan obasynyň ýanyndan tapylypdyr. Listowkadaky ýazgylar G. I. Karpow tarapyndan rus diline terjime edilipdir. Onda Hojaguly han türkmenleri birleşmäge çagyryp:

> *"biziň ähli betbagtçylyklarymyzyň sebäbi özara oňşuksyzlykdyr. Biz biderek ýere birek-birege ezýet berip geldik" diýip aýdypdyr. Hojaguly hanyň pikiriçe, hut özara oňşuksyzlyk türkmenleriň keseki ýerlileriň golastyna düşmegine getiripdir. Listowkada dünýäniň musulman halklary bilen birleşmäge we keseki agalygyndan çykmaga çagyryşlar hem ýaňlanypdyr. Listowkanyň soňunda K. Marksyň we W. I. Leniniň suratlary ýerleşdirilip, şeýle ýazgy edilipdir: "Şu adamlara we olaryň süýji sözlerine ynanmaň!"*
>
> *(Annaorazow, 1998, s. 17.).*

Hojaguly han öz wagyzlarynda bolşewistik ideologiýanyň garşysyna türkmençiligi hem-de musulmançylygy ulanypdyr. Onuň goşunyndaky ýigitleriň ählisi bäş wagtyna namaz okaýardylar. Onuň özi hem başyna selle orap, namaz wagty ymam bolupdyr. Haçan-da sowet işjeňleri hanyň ýigitleri tarapyndan tutulyp getirilende, Hojaguly han olara öňi bilen musulmançylykdan soraglary beripdir (TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 407, s. 111.).

Ýerli ilatdan bolan täsirli adamlary öz tarapyna çekmek üçin Hojaguly han kähalatlar altyn pullary paýlapdyr. Şol döwürler çapawulçylyk etmek maksady bilen Türkmenistana aralaşýan daşary ýurtly galtamanlaryndan olaryň sürüp äkidip barýan mallaryny gaýtaryp alyp, eýelerine gowşurypdyr. Kähalatlarda bolsa, onuň özi hem hökümet kerwenlerini talapdyr (TSRMDA, iş 833, s. 214.).

Hojaguly hanyň ýigitleri 11 atar iňlis tüpeňleri bilen ýaraglandyrylyp, olaryň ýeterlik mukdarda oklary, iň esasy zatlaryň biri-de ýyndam atlary bolupdyr. Bu bolsa sowet goşunlaryna gaýtawul bermäge we tiz hereket etmäge mümkinçilik beripdir. 1921-nji ýylyň awgustynda Hojaguly han Merw uýezdiniň Togtamyş wolastyna gelýär. Şol töwereklerde hereket edýän, öň aklaryň goşunynda gulluk eden Goçmyrat han hem ýigitleri bilen onuň nökerleriniň hataryna goşulýar.

Hojaguly hanyň garşysyna S. Alyýewiň baştutanlygynda Togtamyş erkin milisiýa bölümi ugradylýar. 25-nji awgustda bu milisiýa bölümi Hanguýynyň (Marydan 200 km demirgazykda) 20 km gündogarynda Hojaguly hanyň yzyndan ýetip, söweşe girýär. Söweşde iki tarapdan hem birnäçe ýigitler, şol sanda milisiýa otrýadynyň serkerdesi S. Alyýew wepat bolýar (TMDA. g. 117, ý. 1, iş 33, s. 93; iş 148, s.21; iş. 83, s.10; TSRMDA. g. 51, ý. 16, iş 407, s. 115.). 1921-nji ýylyň noýabrynda Hojaguly hanyň garşysyna O. Sopyýewiň serkerdeliginde ýene-de 150 atly ugradylýar. K. Annamyradowyň ýazmagyna görä, O. Sopyýew özleriniň barýandygyny Hojaguly hana assyranlyk bilen duýdurypdyr. Sowet milisiýa bölümi bilen bolan söweşde Hojaguly hanyň atlybaşylarynyň biri Daň han Ata öldürilipdir (TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 47, s. 22.).

1922-nji ýylyň ýanwarynda Hojaguly han Marynyň gum taraplaryndan ýene-de Tejeniň gumuna tarap süýşýär. 15-nji ýanwarda Tejen uýezd milisiýasynyň başlygy Ý.

Baranowyň serkerdeligindäki topar Tejen şäheriniň 45 km demirgazygynda hanyň nökerleri bilen söweşe girýär. Söweşde iki tarapdan hem birnäçe ýigitler, şol sanda milisiýa otrýadynyn bölüm (wzwod) serkerdesi S. Samarin öldürilýär (TMDA, g. 117, ý. 1, iş 33, s. 92; TSRMDA. g. 51, ý. 16, iş 407, s. 115.).

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başlarynyň milisiýa bölümlerinde gulluk eden türkmen ýigitleri we olaryň serkerdeleri edermen adamlar bolan bolupdyrlar, ýöne olaryň köpüsi heniz dolulygyna bolşewistik ideologiýanyň täsirinde däldiler. Şoňa görä-de, sowet häkimiýetiniň garşydaşlaryna garşy alnyp barlan söweşlerde olar o diýen işeňňirlik görkezmändirler. Hatda olaryň käbirleri milisiýa goşun bölümleriniň meýilnamalary, olaryň sany, hereket etjek ugurlary barada garşydaş tarapa habar berip durupdyrlar. Şeýle hadysalara ýerli dolandyryş edaralarynda-da duş gelnipdir. Bu barada G.I. Karpow: “Jenaýatçy bandalara baştutanlyk eden Jüneýt hanyň, Hojaguly hanyň we beýlekileriň wolispolkomlar bilen aragatnaşygy we olarda öz adamlary bolupdyr. Mysal üçin, Merw raýonynda 6 sany partiýa agzasynyň (ýagny, kommunistler – J.A.-T. A.) banditler bilen arasynyň bolandygy soňra ýüze çykaryldy” diýip ýazypdyr (Karpow, s. 12.).

Sowetlere garşy göreşen toparlar bilen alnyp barlan söweşlere gatnaşyjylar öz garşydaşlarynyň obalary, oba ilatyny yzygiderli talandyklary, adamlary öldürendikleri, zorluk edendikleri barada köp ýazýarlar. Emma gürrüň ilatly ýerleriň töwereginde bolan ol ýa-da beýleki söweşler barada ýazanlarynda, olar oba ilatynyň sowetlere garşy göreşen toparlary zerur maglumatlar, azyk, ot-iým bilen üpjün edendiklerini, kähalatlarda bolsa, olaryň tarapynda durup sowet goşun bölümlerine garşy söweşendiklerini hem belleýärler. Ýeri gelende aýtsak, ilat Hojaguly hany gerek-ýarak zatlar, zerur maglumatlar bilen yzygider üpjün edip durupdyrlar. Aýdylanlary Hojaguly hana we beýleki toparlara garşy söweşen milisiýa işgärleriniň galdyran ýazgylarynda köp gabat gelýän “daýhanlar düşünjesiz bolandyklary üçin sowet otrýadlarynyň hereketi barada basmaçylara häli-şindi habar berip durýardylar” diýen jümleler hem tassyk edýär.

Sowet goşunlaryna garşy alnyp barlan söweşler hemişe şowly bolup durmandyr. Mysal üçin, K. Annamyradow şowsuz söweşleriň biri barada şeýle ýazýar “ … Mary şäherinde türkmen polky döredildi. Komandiri Oramet Sopyýewdi. Bu polka [gulluk etmäge] gelen adamlary nähili diýip salgy berer ýaly däldi, hatda bandit Sary han hem bardy. Soňky gezek Hojaguly hanyň ustüne gidilende masgara bolup ýeňildik. Hojaguly han polk komandiriniň orunbasary Borjakowy, Sary hany ýesir aldy. Borjakow dozor (goşunyň daş-töweregine gözegçilik edýän esgerler topary – J. A. / T.A.) zat goýman gara öýde arkaýyn arkan düşüp ýatypdyr. Sowet goşunlary dyr-pytrak bolup gaçdy” (TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 47, s. 25;Şol ýerde. g. 51, ý. 16, iş 29, s. 6-9.).

Bu döwürde sowet milisiýa otrýadlary we regulýar goşun bölümleri Türkmenistanyň beýleki ýerlerinden Zakaspi oblastynyň çäklerine aralaşýan toparlar bilen hem iş salyşmaly bolupdylar. 1922-ni ýylda sowet goşunlary tarapyndan agyr zarba urlan Juma Atanyň baştutanlygyndaky Darganata taraplardan gelýän uly göç Tejen uýezdiniň üsti bilen serhetden geçmäge synanyşýar. Juma Atanyň Babadaýhan obasynyň töwereklerinde ýerleşýändigi ýüze çykarylýar. Onuň garşysyna Koşkarowyň serkerdeliginde atly diwizion we meýletin milisiýa otrýady ugradylýar. Emma Juma Ata sowet otrýadlary bilen söweşe girmän, öz atlylary hem-de göçi äkidip barýan kerweni bilen Mäne-Çäcä tarap gyssagly hereket edýär. Emma onuň kerweni haýallyk bilen

süýşýärdi. Sebäbi onda aýallar, çagalar, mal-garalar bardy, bu bolsa çalt hereket etmäge mümkinçilik bermeýärdi. Çäçe obasynyň 10-12 km golaýynda Koşkarow, Juma Atanyň kerwenini saklanmaga we söweşe girmäge mejbur edýär.

Juma Atanyň toparynyň yzyndan ýeten Koşkarow güýçlerini üçe bölüp we olaryň her birine 2 pulemýot berip, goranyşda ýatanlaryň üstüne hüjüm edýär. Gandöküşikli söweşiň netijesinde Juma Atanyň topary derbi-dagyn edilýär, onuň ýigitleriniň diňe az sanlysyna sypmak we kynlyk bilen serhetden aşmak başardýär. Juma Atanyň özi ýesir düşýär, kerwen bolsa olja alynýar. Bu söweşe gatnaşan O. Täçmämmedowyň ýazmagyna görä, sowet otrýady ata taýpasyndan bolan 15 sany gyzy azat edýärler we olary Horezm respublikasynyň Aşgabatdaky wekiline gowşurýarlar, ol hem öz gezeginde ata taýpasynyň wekili Rejep Ata gaýtaryp berýär (TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 769, s. 93.).

**B. Basmaçılara Garşy Döredilen Otryadlar**

1922-nji ýylda ataman Annenkowyň we sowetlere garşy gozgalaň turzan gyrgyzlaryň Ýedisuwdaky (Gyrgyzystan) çykyşy basylyp ýatyrylandan soň, Türkmen polklary Zakaspä dolanyp gelýärler. Bu döwürler ýerli milisiýa bölümlerini "ýat elementlerden arassalaýyş" işleri hem geçirilýär. 1922-nji ýylyň iýulynda Türküstan K(b)P-nyň Zakaspi oblast guramasy tarapyndan "Basmaçylara garşy harby we syýasy çäreleri işläp düzmek üçin" ýörite topar döredilýär (Taşliýew, Kuprikowa, 1984, s. 92.).

1922-nji ýylyň tomsunda Hojaguly han uly şowsuzlyga uçraýar. Şol ýylyň 29-31-nji awgustynda Marynyň gum içindäki Çerkezköl diýen ýerinde güýçlendirilen sowet otrýady bilen bolan söweşde Hojaguly han köp ýigitlerini ýitirýär. Ol Tejene tarap yza çekilip, ol ýerden hem daşary ýurda gitmäge mejbur bolýar. Daşary ýurtda biraz wagtlap bolandan soň ok-ýarag edinip, 1922-nji ýylyň ahyrlarynda Hojaguly han ýene-de Tejeniň aýagyndaky guma dolanyp gelýär.

1920-1922-nji ýyllarda sowetlere garşy göreşýän toparlar babatynda her uýezd milisiýasy özbaşdak hereket edýärdi. 1923-nji ýyldan başlap olara garşy göreşmek işi indi Türkmen (öňki Zakaspi) oblast milisiýa edarasynda merkezleşdirilýär. Üstesine-de, öňler Hojaguly hanyň nökerleri goňşy uýezdde peýda bolsalar, tä uýezdiň serhedinden çykyp gidýänçäler olar bilen degişli uýezdiň milisiýa bölümleri göreşmeli bolýardy. Uýezdiň serhedinden çykan soň olar Hojaguly hanyň yzyndan galýardylar. Indi onuň bilen täze baran ýeriniň milisiýasy iş salyşmaly bolýardy. Hiç kim tarapyndan yzarlanylmansoň Hojaguly hanyň nökerleri çölde arkaýyn gezip bilipdirler.

Täze emele gelen şertlerde Türkmen oblast milisiýasy tarapyndan bitewi harby meýilnama işlenilip düzülip, şol boýunça Hojaguly hany diňe bir medeni zolakda däl, eýsem çölde hem yzygider yzarlamaklyk karar edilýär. Şu maksat bilen oblastda ýörite atly milisiýa bölümleri – "çalt hereket edýän ýeňil otrýadlar"(Olar rus dilinde «летучие отряды милиции»* diýlip atlandyrylypdyr.) diýilýänleri döredilýär. Bu milisiýa bölümleri indi haýsy uýezdiň çäginde bolýandygyna garamazdan çalt hereket edip bilipdir we sowetlere garşy göreşýän toparlary özbaşdak dyngysyz yzarlap bilipdir (TMDA, g. 177, ý.1, iş 33, s. 115-116.).

* "Çalt hereket edýän topar"

1923-nji ýylyň 30-njy iýunynda Merw uýezd-şäher milisiýasynyň başlygy A. Durdyýew özüniň №785-nji habarnamasy bilen oblast milisiýasynyň başlygy G. I. Karpowa Türküstan ASSR-niň adatdan daşary ygtyýarly wekili Iwanowyň buýrugyna laýyklykda, Merw milisiýasynyň düzüminden 27 adamdan ybarat otrýadyň döredilendigini we onuň serkerdeligine bolsa uýezd-şäher milisiýasynyň başlygynyň kömekçisi D. I. Bobikowyň bellenilendigini habar berýär. Bu otrýad Utamyş, Togtamyş we Baýramaly wolostlarynyň erkin milisiýa bölümleriniň gullukçylarynyň hataryndan almagyň esasynda düzülipdir (TMDA, ý.2, iş 31, s. 111.). O. Täçmämmedowyň serkerdeliginde şular ýaly "çalt hereket edýän otrýad" Poltorask uýezdinde hem döredilýär (TMDA, ý. 1, iş 63, s. 67.).

**C. Hojaguly Han We Meret Murt Basmaçılara Garşy Döredilen Otrýadlar**

Şundan soň Tejen-Mary sebitlerindäki sowetlere garşy göreşýän toparlar bilen alnyp barylýan söweş operasiýalary aýgytly häsiýete eýe bolup başlaýar. Sowet hökümeti Hojaguly hanyň garşysyna ep-esli harby güýçleri ugradýar. Birnäçe aýyň dowamynda olar hanyň nökerleri bilen gumuň içinde ençeme ýola çaknyşýarlar. 1923-nji ýylyň iýulynda Merw uýezd milisiýa güýçleri ýerli Meret Murtuň topary bilen çaknyşýar. Iki sany ýaraly ýigdini ýitiren Meret Murt Hojaguly hana baryp goşulýar (TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 407, s. 118.).

1923-nji ýylyň sentýabrynda Hojaguly hanyň Ýaglyçäge guýusynda ýerleşýändigi anyklanylýar. Hojaguly hanyň güýçlerini ýok etmeklik Köşidäki atly diwiziona (serkerdesi Koşkarow) tabşyrylýar. Bu diwiziona Bäherdeniň, Poltoraskiniň, Tejeniň we Merwiň meýletin milisiýa otrýadlary hem berkidilýär. Netijede, Hojaguly hanyň ýerleşýän ýeri şu güýçler tarapyndan gabalýar (TSRMDA, iş. 769, s. 97.).

1923-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda uzakly gün söweş bolýar. Arhiw maglumatlarynyň şaýatlyk etmegine görä, şol söweşde Hojaguly han we onuň ýigitlerinden 15-si öldürilýär, 15-si bolsa ýaralanýar, sowet güýçlerinden 5 adam wepat bolýar, 8-si bolsa ýaralanýar (TMDA, g. 177, ý.1, iş 33, s. 118.). Hojaguly hanyň nökerleriniň çeken ýitgileri barada has artdyrylan maglumatlar hem bardyr.

K. Annamyradowyň ýazmagyna görä, Ýaglyçägedäki söweşde Köşidäki atly diwizionyň serkerdeleriniň biri Alekseýewe ok degip atdan ýykylýar. Hojaguly han ol ölendir öýdüp üstüne eglende, Alekseýew ony atyp goýberýär, Hojaguly hanyň ýanyndaky ýigit bolsa Alekseýewi atýar.(TMDA, iş 47, s.28.). Hojaguly hanyň inisi Kuly hana ýigitleriň abat galanyny gabawdan alyp çykarmak başardýar we gumuň jümmüşine çekilýär. Şondan soň Hojaguly hanyň hereketi düýpli gowşaýar. Ýöne şonda-da olaryň aýry-aýry toparlary soň-soňlaram sowet hökümetine garşy göreşipdirler.

Hojaguly han öldürilenden soň onuň orunbasarlarynyň biri Meret Murt hanyň inisi Kuly han bilen oňuşmaýar. Bu oňşuksyzlyk ahyrynda Kuly hanyň öldürilmegi bilen tamamlanýar. Şundan soň Meret Murt Merw milisiýasynyň çalt hereket edýän otrýadyna meýletin boýun egýär we soňra öz ýigitleri bilen birlikde sowet milisiýa otrýadyň düzümine kabul edilýär (TMDA, iş 33, s. 120.).

1924-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda Hojaguly hanyň toparyndan galan 14 adamdan ybarat topar, geljekde öz öldürilen serkerdesiniň aryny almak üçin Sarahs wolostynyň çäginde peýda bolýar. Bu topara doganlar Sähet we Annaguly Berdiýewler serkerdelik

edipdirler (TMDA, g. 2, ý.12, iş 5, s. 143.). Bu toparlanyşygy ýok etmeklik Meret Murta ynanylýar. Berdiýewler Meret Murtuň baştutanlygynda özlerine garşy milisiýa otrýadynyň döredilendigini eşidip, öz ýigitlerini alyp daşary ýurda gidýärler we şol ýerde-de göreşi goýbolsun edip dargaýarlar. Meret Murtuň topary barada aýdylanda bolsa, olar tiz wagtdan daşary ýurtdan maşgalalaryny alyp gelýärler. 1925-nji ýylyň 25-nji iýunynda Meret Murtuň ýigitlerine döwlet tarapyndan aýlyk hem tölenilipdir (TMDA, g. 117, ý.1, iş 138, s. 337.).

Hojaguly hanyň hereketi basylyp ýatyrylandan soň birnäçe milisiýa işgärleri döwlet tarapyndan sylaglanylýar. 1924-nji ýylyň aprelinde Türküstan MIK-i sowet häkimiýetiniň duşmanlaryna garşy üstünlikli söweş hereketlerini alyp barandyklary üçin milisiýa otrýadlarynyň ýolbaşçylarynyň ikisini kümüş sagat bilen sylaglap, olary “Tejen uýezdinde basmaçylyga garşy ýadawsyz göreşi üçin” Gyzyl Baýdak ordenine hödürleýär (TMDA, g. 2, ý.2 c, iş 1, s. 99.). Ýöne Türkmen oblastynda sowetlere garşy göreşýän güýçler heniz doly ýeňlişe sezewar edilmändi. Olaryň hökümet üçin iň howplusy Ata Mäneliniň Mary-Tejen, Berdimyrat hanyň Tejen-Ahal we Baýram Lagaryň Tejen-Ahal taraplarynda hereket edýän toparlarydy.

**D. Ata Mänelini We Basmaçılara Garşy Döredilen Otrýadlar**

XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda sowetlere garşy göreşen toparlar bilen alnyp barlan söweşlere gatnaşan O. Täçmämmedow* şeýle ýazýar: “ … maňa we G. Nazarowa Baýram Lagary, Berdimyrady we Ata Mänelini ýok etmek üçin meýletin milisiýa otrýadyny döretmeklik tabşyryldy. Biziň otrýadymyzda 100-den gowrak adam bardy. Bulardan başga-da, bu işe Tejeniň, Aşgabadyň we Marynyň meýletin milisiýa otrýadlary we atly bölümiň pulemýot wzwody gatnaşmaly edildi”(TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 769, s.101.).

Şol wagtlar Baýram Lagaryň we Ata Mäneliniň topary Kyrkguýy, Eşekaňňyran we Toraňňyly guýularynyň töwereginde hereket edýärdiler. 1923-nji ýylyň iýul aýynda G. Nazarowyň we O. Täçmämmedowyň otrýady olaryň garşysyna ugradylýär. Emma O. Täçmämmedowyň ýazmagyna görä, 4 sagatlap dowam eden söweşiň netijesinde, Koýkum (?) diýen ýerde sowet otrýady garşydaşlaryny gabawa alyp bilmeýär. Bu ýerden sowetlere garşy göreşýänler özleriniň esasy güýçleri bilen birikmek üçin Kyrkguýa tarap gidýärler.

> *“Kyrkguýyda ýene-de söweş boldy, diýip – O. Täçmämmedow ýazýar. – Biziň pulemýotlarymyz basmaçylara örän uly täsir etdi. Söweş meýdanynda birnäçe adamlarynyň maslygyny galdyryp, olar Babadaýhan obasyna tarap gitdiler. Biz ýitgi çekmedik. Babadaýhanyň ýabyna ýetenimizde biz olaryň üstünden bardyk we söweşe girdik. Söweş diýseň gazaply boldy, ýöne olaryň iki tarapyndan aýlanmak we zarba urmak bize başartmady. Olar söweş meýdanynda 1 öldürilen we 3 sany ýaraly ýigidini galdyryp yza çekildiler. Ýaraly ýigitleri biz ýesir aldyk. Biz olardan sorag edip,*

* Ol 1924-nji ýylyň noýabrynda TSSR HKS-nyň ýanyndaky Basmsoweşaniýeniň upolnomoçennisi bolupdyr.

*basmaçylaryň üçe bölünendigini anykladyk: Ata Mäneli – Mara, Baýram – uly bolmadyk topar bilen Eşekaňňyrana we Toraňňyla, galanlary bolsa Berdimyradyň, Baýram Semiziň, Annaguly Saryýewiň baştutanlygynda Aşgabada tarap gidipdirler”*

*(TSRMDA, s.103.).*

Mara tarap giden Ata Mänelini yzarlamaklygy Türkmen oblastynyň iň söweşjeň milisiýa (Poltorask) otrýadyna tabşyrylýar. Dogrusy, bu otrýada birinji jahan urşunda şöhrat gazanan Teke atly polkunyň öňki kiçi serkerdeleri G. Nazarow bilen H. Jümmiýew baştutanlyk edýärdiler. Ata Mäneli Mary bilen Sarahsyň aralygynda sowet otrýadlary bilen birnäçe gezek çaknyşýar. Şunda ýigitleriniň birňäçesini ýitirýär. Emma Ata Mäneli we onuň ýigitleriniň ählisi diyen ýaly ot-ýalyndan geçen gaýduwsyz adamlar bolupdyrlar. Aslyýetinde şol döwürler Hojaguly handan soň Ata Mäneli, Berdimyrrat Aksakal, Baýram Lagar il içinde giňden tanalan adamlar bolupdyrlar. Ýöne şolaryň arasynda hem iň tanalýany Ata Mänelidi. Şonuň üçin hem Ata Mäneli hakynda has köp arhiw maglumatlary saklanyp galypdyr.

Ata Mäneliniň ömür ýoly juda gysga bolan-da bolsa, onuň başyndan geçiren wakalary 1920-1925-nji ýyllaryň adam ykballary bilen baglanyşykly howsalaly wakalary, döwrüň adamlarynyň durmuş hem-de syýasy garaýyşlaryny, aň-düşünjesini açyp görkezmäge mümkinçilik berýär. Ata Mäneliniň özi barada aýdylanda, ady rowaýata öwrülen bu şahsyýet barada häzirki bu güne çenli Mary hem-de Tejen sebitlerinde halk arasynda dürli gürrüňler ýaşap gelýär*.Bu adam barada ýazyjy A. Şagulyýew “Ata Mäneli” ady bilen iki kitapdan duryan taryhy roman hem ýazdy (Şagulyýew, 1992, 1994.).

Ata Mäneli garyp daýhan maşgalasynda dünýä inipdir we garyplygyna-da galypdyr. Bu barada XX asyryň 20-nji ýyllarynda Türkmenistanda sowet häkimiýetini gurmaga gatnaşan Z. G. Gabitow şeýle ýazgylary galdyrypdyr: “Meniň hut özüm Mäne obasynda bolup, Atanyň kakasyny hem-de ejesini gördüm. Olaryň oraçasyny görseň, öý diyip aýtmaga diliň baranok, hut taýaklarynyň üstüne köne keçe atylan çatmaň bar-da. Ine, synpy duşmanlar garybyň şular ýaly garyp ogluny sowet häkimiýeti bilen göreşmek üçin bandanyň başlygy edip ýetişdiripdirler” (TSRMDA, g. 51, ý. 16, iş 195, s.25-26.). Z. G. Gabitowyň “Mäne obasynda boldum” diýýäni 1924-1925-nji ýyllar, ýagny Ata Mäneliniň wepat bolmazynyň öňýanlary bolmaly.

Türkmenistanda raýatlyk urşy başlanda “Ýeni Türkistan” žurnalynda “Miralaý” (Polkownik) diýip tanadylan (Ýeni Türkistan, 1931, s.3-9.) 16-17 ýaşlaryndaky Ata Berdiniýaz ogly Oraz Serdaryň serkerdeligindäki akgwardiýaçy goşunlarynyň düzüminde söweşýär (TSRMDA, iş 833. s.283.).Uruş tamamlanandan soň ýene-de öz obasyna dolanyp gelýär. Özüniň asyl gelip çykan ýeri bolandygy üçin ol häli-şindi Mara

---

* Ata Mäneli milisiýa edaralarynyň resminamalarynda “Ata Berdiniýazow” ady we “Ata Mäneli” lakamy bilen tanalýar. Gürrüňi edilýän döwürde ol häzirki Altyn Asyr etrabynyň Mäne obasynda ýaşapdyr, şol sebäpden oňa “Mäneli” lakamy galypdyr. Hakykatda ol arhiw maglumatlarynyň şaýatlyk etmegine görä, 1902-nji ýylda Merw uýezdiniň Syçmaz-Körsagyr obasynda doglupdyr. Ýöne çagaka ýa-da ýetginjek wagtlary onuň ata-enesi bilen Mäne obasyna göçüp giden bolmagy ähtimal.

we obasy Syçmaz-Körsagyra gelýär eken. Ata Mäneli hakynda köp maglumatlary toplan we onuň toparyna garşy söweşlere gatnaşan K. Hümmedow onuň ata çykmagynyň sebäbini bir baý adam bilen at üstünde dörän dawa bilen baglanyşdyrýar. At üstünde turan şol dawa ahyrynda baýyň öldürilmegi bilen tamamlanýar. Netijede, Ata Mäneli baýyň hossarlary bilen öçli bolupdyr, galyberse-de, adam öldürendigi üçin onuň garşysyna jenaýat işi gozgalypdyr. Şu ýagdaýyň özi Ata Mänelini hemişe at üstünde bolmaklyga mejbur edýär (TSRMDA, s.296-297.).

Ata Mäneli Marynyň belli baýlary Köpek baý, Durduk baý, Jopban baý, Saryja baý ýaly täsirli adamlar bilen gatnaşyk saklapdyr. K. Hümmedow "baýlar ony öz ogullary ýaly eý görýärdiler" diýip ýazýar (TSRMDA, s.290.). 58 Häli-şindi baýlaryň üstüne olaryň emlägini hasaba almak we salgyt salmak üçin hökümet tarapyndan iberilýän wekiller Ata Mäneli tarapyndan goralýandygy sebäpli baýlaryňka barmaga çekinipdirler (TSRMDA, s.286-287.). Gözsüz batyr, juda dogumly, barypýatan mergen ýigit bolansoň, Ata Mäneli baýlaryň mallaryny-mülküni goramaga ýardam edýär eken. Döwür asuda bolmansoň, kähalatlar daşary ýurtly galtamanlar çopanlary öldürip, Marydan mallary sürüp äkidýär ekenler. K. Hümmedowyň şaýatlyk etmegine görä, bir gezek Jopban baýyň birnäçe sürüsini daşary ýurtly galtamanlar sürüp äkidipdirler. Mallary Merw uýezd milisiýa otrýady hem galtamanlaryň elinden gaýtaryp alyp bilmändir. Jopban baý Ata Mänälä ýüz tutýar. Ata Mänäli ýanynyň birnäçe ýigidi bilen galtamanlaryň yzyndan ýetip, baýyň ähli mallaryny yzyna dolap getirýär (TSRMDA, g. 51, ý. 16. iş 833. s. 297.).

Arhiw resminamalarynda Ata Mäneli "basmaçy", "bandit", "galtaman" diýlip atlandyrylsa-da, onuň güýjüne baýrynyp bigünä adam öldürendigi, ejize zorluk edendigi, parahat ilaty talandygy bilen baglanyşykly maglumatlar ýüze çykarylmady. Tersine, K. Hümmedow "şol döwrüň adamlary düşünjesiz bolandyklary üçin daýhanlar Ata Mänelini zerur maglumatlar, gerek-ýarak zatlar bilen üpjün edýärdiler" diýip ýazýar (TSRMDA, s. 290.). Aslyýetinde sowetlere garşy göreşýänler döwlet edaralaryny, kooperatiwleri, ammarlary, soňra bolsa kolhoz-sowhozlaryň emlägini talaýardylar. Emma Ata Mäneli şeýle talaňçylyklary hem etmändir. Öýlenmedik ýigit bolsa-da, kesekiniň maşgalasyna göz gyzdyrmandyr, ýogsam sowetlere garşy hereketiň taryhynda juda seýrek duşan hadysa bolsa-da, garaz gyz süýremek hem bolupdyr. Şeýlelikde, 1921-ni ýylyň ahyrlaryndan – 1925-nji ýylyň oktýabryna çenli sowet milisiýa otrýadlary, ine şeýle adam bilen iş salyşmaly bolupdyrlar.

1921-1923-nji ýyllarda Ata Mäneliniň hereketi esasan baýlary sowet häkimiýetiniň wekillerinden goramak bilen baglanyşykly bolupdyr. 1924-nji ýylyň dekabryndaky maglumatda onuň üç ýyl bäri hereket edip gelýändigi hakyndaky maglumata salgylansak, onda onuň 1921-nji ýyldan bäri sowet hökümeti bilen iş salşyp gelýändigini anyklamak bolýar. Ýöne ýyl-ýyldan güýçlenýän sowet hökümeti hem öz syýasatynyň amala aşyrylmagyna päsgel berýän toparlara garşy göreşi güýçlendirýärdi. Eýýäm bellenilip geçilişi ýaly, şu maksat bilen uýezdlerde, wolostlarda ýörite maksatlar üçin milisiýa otrýadlary döredilýärdi. Olar hökümetiň syýasatyndan nägile güýçleri, olary goldaýanlary hasaba alýardylar, olaryň garşysyna operatiw çäreleri geçirýärdiler. Şol sebäpden hem ilki 1922-nji ýylyň, soňra bolsa 1924-nji ýylyň operatiw maglumatlarynyň

arasynda beýlekiler bilen bir hatarda, Ata Mäneliniň ady hem tiz-tizden tutulyp ugraýar. 1924-nji ýylyň dekabrynda Merw okrugynda 5 sany topar hereket edipdir:

1-2. Ata Berdiniýaz ogly bilen Gurt Sähetli oglunyň 35 atlydan ybarat bilelikdäki topary;

3. Illi Moşşy (Hoja ?) – 14 adam;

4. Gagşalyň topary – 12 adam;

5. Annamyrat serdaryň topary – 100 adam.

Annamyrat serdaryň topary öň Lebap boýlarynda hereket edýär eken, ýöne bu döwürde ol Merw okrugynyň çägine aralaşypdyr. Bu toparlaryň esasy hereket eden ýerleri Baýramaly, Utamyş we Togtamyş wolostlary bolupdyr (TMDA, g. 2, ý. 2, iş 6, s. 34.).

1924-nji ýylyň dekabr aýynda Merw okrugyndaky sowetlere garşy göreşen toparlaryň käbirleri, şol sanda Ata Mäneli hem sowet hökümetiniň geçiren wagyz-nesihat we düşündiriş işleriniň netijesinde, şol döwürde aýdylyşy ýaly "sowet hökümeti bilen ýaraşýarlar". Olar:

1. Meret Anna ogly, 38 ýaşynda, Sarahs wolostynyň Ata obasynyň ýaşaýjysy. Aýalyny zorluk bilen elinden alandyklary üçin ata çykypdyr. Bir ýarym ýyl bäri hereket edip gelýär;

2. Ata Berdinyýazow, 23 ýaşynda, Merw uýezdiniň Syçmaz-Körsagyr obasynda doglan, gelip çykyşy boýunça daýhan. Ar almak üçin ata çykan. Üç ýyl bäri hereket edip gelýär.

3. Gurt Sähetli ogly, 32 ýaşynda, Merw uýezdiniň Togtamyş wolostynyň Baýly Çilçeken (?) obasynda doglan. Aýalyny zorluk bilen elinden alandyklary üçin ata çykypdyr. 10 aý bäri hereket edýär.

4. Rejep Mämmetguly ogly, 27 ýaşynda, Merw uýezdiniň Utamyş jemagatynyň obasyndan (?). Ata çykmagynyň sebäbi belli däl. Bir ýyl bäri hereket edip gelýär.

Bu dört topardan jemi 23 ýigit ýaragyny tabşyrýar. Olar 22 sany tüpeň, 500 sany ok, birnäçe sapança tabşyrýarlar (TMDA, g. 3/78, ý. 1, iş. 14, c. 204.). G. I. Karpowyň maglumatlaryna görä, şol döwürler, ýagny 1924-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistan boýunça 46 sany sowetlere garşy göreşýän ýaragly toparlar bolup, olardan Poltorask okrugynda – 7; Merw okrugynda – 15; Çärjew okrugynda – 11; Kerki okrugynda – 5; Daşhowuz okrugynda bolsa 8 sany topar hereket edipdir, olaryň düzüminde bolsa 2059 sany ýaragly ýigit bolupdyr ( TMDA, g. 313, ý. 1, iş 44, s. 125.).

TSSR GPU-nyň başlygy Karuskiniň 1924-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Orta Aziýa GPU-na beren hasabatynda Ata Berdiniýazowyň serkerdeliginde 18 atlynyň Merwde meýletin ýaraglaryny tabşyrandygyny, ýene-de 9 adamyň galandygyny, olaryň hem ýakyn günlerde ýaraglaryny taşlajakdyklary aýdylýar. Şol hasabata görä, Ata Mäneliniň topary 14 tüpeň, 400 ok we 4 sany sapança tabşyrypdyr (TMDA, g. 2, ý. 2, iş 6, s. 12.).

Agzalan toparlar ýaraglaryny tabşyranlaryndan soň Tejen-Mary taraplarda az-kem ümsümlik aralaşýar. Emma 1925-nji ýylyň fewralynda Ata Mäneli ýanynyň 10 atlysy bilen ýene-de sowet hökümetine garşy herekete başlaýar. Arhiw maglumatlarynda Ata Mäneliniň gaýtadan ata çykmagyna baýlaryň sebäp bolandyklary barada aýdylýar. 1925-nji ýylyň fewralynda Mary şäherinden uzak bolmadyk Seýit Nasyr öwlüýäniň golaýynda bolan uly toýda, hamana Jopban baý Ata Mänelini ýanyna çagyryp, oňa gaçmasa ýakyn günlerde tussag ediljekdigini aýdanmyş (TSRMDA, g. 51, ý. 16. iş 833. s.294.).

Netijede, Mary-Tejen taraplarda ýagdaý ýene-de çylşyrymlaşýar. Şol sebäpden hem Tejen taraplarda hereket edýän we Ata Mänelиniň toparyna garşy 50 atlydan ybarat çalt hereket edýän milisiýa otrýady iberilýär. Bu otrýad ikä bölünip, biri tejenli toparyň, beýlekisi bolsa Ata Mäneliniň garşysyna hereket edýär. 1925-nji ýylyň 23-nji fewralynda säher bilen Marydan 120 wýorst daşlykdaky Gara Burun diýen ýerde G. Puldykowyň serkerdeligindäki otrýad Ata Mäneliniň 15 atlydan ybarat toparynyň 6 adamlyk böleginiň yzyndan ýetip söweşe girýär. Bu toparda Ata Mäneliniň özi hem bar eken. Söweşiň netijesinde Atanyň ýigitlerinden Aky Jalaý bilen Meleje öldürilýär, Atanyň özi bolsa ýaralanýar. Sowet otrýadyndan milisiýa işgäri Polýakow öldürilýär, 4 sany milisiýa işgäri, şol sanda G. Puldykow hem ýaralanýar. Söweşde ýaralansa-da, Ata Mänelä ýoldaşlarynyň kömegi bilen gaçyp sypmak başardýar (TMDA, g. p-78, ý. 2, iş 53, s. 2; Şol ýerde, iş 57, s. 4.).

1925-nji ýylyň ýazynda Ahalyň we Tejeniň gumunda hereket edýän Baýram Lagaryň, şeýle hem Tejeniň gumunda hereket edýän Ata Ýagşysähedowyň garşysyna hem çäreler güýçlendirilýär. Netijede, 1925-nji ýylyň 2-3 maýynda Baýram Lagar G. Nazarowyň Poltorask otrýady tarapyndan ýesir alynýar, 4-nji maýda bolsa G. Puldykowyň serkerdeligindäki Tejeniň çalt hereket edýän milisiýa otrýady Ata Ýagşysähedowyň toparyny ýok edýär. (TMDA, g. 2, ý. 2, iş 296, s. 124.) Şol söweşde sowetleriň tarapyna geçen Meret Murt hem öldürilýär. Meret Murt öldürilenden soň onuň ýigitleriniň aglabasy ýene-de hökümede garşy urşup başlaýarlar.

Şundan soň Ata Mäneliniň ýigitlerini yzarlamak we ýok etmek maksady bilen Poltorask milisiýa otrýady hem Tejene gelýär. 1925-nji ýylyň iýun aýynda Berdimyradyň we Ata Mäneliniň toparlary Tejeniň aýagyndaky gumda birleşýärler. 20-nji iýundan başlap Berdimyradyň we Ata Mäneliniň toparyny G. Puldykowyň we Bobikowyň milisiýa otrýadlary bilen bir hatarda, G. Nazarowyň we H. Jümmiýewiň serkerdeligindäki Poltorask otrýady hem yzarlap ugraýar.

Bu otrýad 1925-nji ýylyň 24-nji iýulynda gumuň içindäki Toraňňyly diýen ýere gelip, Berdimyradyň we Ata Mäneliniň toparynyň Üçburç diýen ýerde ýerleşýändigini anyklaýar. 27-nji iýulda ir sagat 10-da sowet otrýady Berdimyradyň toparynyň yzyndan ýetýär we bada-bat söweşe girýär. Emma Berdimyradyň ýigitleri söweşe girmän demirýola tarap gidýärler. Sowet otrýady olary yzarlap ugraýar. Yzarlanylýan döwürde Berdimyradyň ýigitlerinden 3-si öldürilýär, biri bolsa ýaralanýar. Berdimyradyň topary Sarahsa tarap ýoluny dowam etdirýärkä, Tejen bilen aralykda ýaraly ýigit aradan çykýar (TMDA, g. p-78, ý. 2, iş 53, s. 6.). Şundan soň sowet otrýady dynç almak üçin Tejene dolanyp gelýär.

1925-nji ýylyň 1-nji awgustynda otrýad Tejenden çykyp, ýene-de Sarahsa tarap ugraýar. Sowet otrýadynyň razwedkaçylary Berdimyradyň we Ata Mäneliniň toparynyň 13 atlydan ybaratdygyny anyklaýar. Olar sowet otrýady bilen bolan birinji söweşde 4 atlasyny ýitirýärler. 2-nji awgustda sowet otrýady Sarahsyň Ata obasynda düşleýär we 3-nji awgustda yzyna – Mara tarap ugraýar. Berdimyradyň-Ata Mäneliniň birleşen topary barada aýdylanda bolsa, ol 2-nji awgustda Sarahsa ýetmäge 70 wýorst galanda GPU-nyň 12 atlydan ybarat bolan toparynyň üstünden barýar. Iki tarapdan hem söweş başlaýar. Söweşde GPU-nyň otrýadyndaky esgerleriň ählisi öldürilýär. Bu ýerde Ata Mäneliniň

toparyndan hem bir ýigit wepat bolýar. 3-nji awgustda Mara tarap barýan milisiýa otrýady wepat bolan 12 sany sowet esgerleriniň jesediniň üstünden barýar.

G. Nazarowyň we H. Jümmiýewiň Poltorask milisiýa otrýady 4-nji awgustda Mara gelýär, ýöne olar Berdimyradyň we Ata Mäneliniň birleşen toparlary bilen söweşe giren Bobikowyň serkerdeligindäki Merwiň 30 atlydan ybarat milisiýa otrýadyna kömek bermek üçin haýal etmän ýene-de yzyna ugradylýar. Bobikowyň Merw otrýady Mara dolanyp gelýär. Ata Mäneli ýoldaşlarynyň biri bilen Berdimyradyň ýanyndan aýrylyp Mara gaýdýar, Berdimyrat bolsa ýanynyň iki sany ýoldaşy bilen Tejene gidýär.

Berdimyrady yzarlamak üçin Poltorask otrýadyndan H. Jümmiýewiň serkerdeliginde 23 atly ugradylýar. Bu otrýad Tejene barýarka 10-njy awgustda Marynyň 46 wýorst demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän Senemgala diýen ýerde Berdimyradyň topary bilen çaknyşýar. Şonda Ata Mäneliniň ýakyn egindeşleriniň biri, tanymal ýigit Illi Kel wepat bolýar (TMDA, g. P-78, ý. 2, iş 23, s. 4.). Berdimyrat ýanyndaky ýoldaşy bilen Tejende gizlenýär. Berdimyrat soňra 1926-njy ýylyň 4-nji sentýabryna geçilýän gije GPU tarapyndan guralan operatiw çäräniň netijesinde öz ýoldaşlary tarapyndan öldürilýär (TSRMDA, g. 1, ý. 3, iş 147, s. 18; TMDA. g. p-78, ý. 2, iş 53, s. 5.). Şundan soň G. Nazarow bilen H. Jümmiýewiň otrýady Ata Mäneliniň hereket edýän Merw okrugyna tarap ugraýar.

3-nji awgustda Ata Mäneliniň topary Marydan 40 wýorst demirgazyk-gündogarda ýerleşýän Düýeçöken depäniň töwereginde Georgiýewiň serkerdeligindäki Merwiň meýletin milisiýa otrýady bilen çaknyşýar. Sowetler üçin netijesiz tamamlanan çaknyşykdan soň Ata Mäneli Sarahsa gitmek üçin Ýolötene tarap ugraýar.

Ata Mäneliniň hereketiniň has işjeňleşmegi, milisiýa otrýadlarynyň işiniň kynlaşmagy, has beteri-de, GPU-nyň otrýadynyň ýok edilmegi içeri işler edaralarynda, aýratyn hem Merw, Tejen, Poltorask milisiýa bölümlerinde uly aljyraňňylyk döredýär. Munuň özi sowet hökümetini harby çäreler bilen bir hatarda, sowetlere garşy göreşýänler babatynda göreşiň netijeli, gizlin ýollaryny agtarmaga mejbur edýär we olara garşy has ýowuz çäreleri geçirmäge itekleýär. 1925-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Merw okrug milisiýasynyň ýanynda döredilen "Basmaçylyga garşy göreşmek boýunça maslahat" (Басмсовещание) Ata Mänelini yzarlap ýören, ýöne bu işde göze ilerlikli üstünlik gazanyp bilmeýän G. Nazarowyň, H. Jümmiýewiň we Georgiýewiň otrýadlaryny Tejenden Mara çagyrmagy we olaryň ikisini birikdirmegi karar edýär. Okrugyň "Basmaçylyga garşy göreşmek boýunça maslahaty" birleşen otrýada Ata Mäneliniň topary babatynda berk çäreleri geçirmegi we ony derbi-dagyn etmän Merwe dolanyp gelmegi gadagan edýär (TMDA, g. 2, ý. 2, iş 296, s. 68.). Netijede, Ata Mäneliniň toparyny ýok etmekde iň aýgytly hem-de jogapkärli döwür başlaýar.

1925-nji ýylyň 1-nji awgustynda Merw okrugynyň gözleg işleri bilen meşgullanyp ýören meýletin milisiýa otrýady tarapyndan gaçakçy söwda edýändigi üçin Merw okrug GPU-sy tarapyndan garşysyna jenaýat işi gozgalan S. Garrybaýew ele salynýar. Sebäbi içeri işler guramalary Ata Mäneliniň Gowşutbendiň Babajan öwlüýä diyen ýerindäki "Ýede Aýuzuluk" (çeşmede şeýle? belki "Ýedi Agzyýýolukdyr" ?) obasynda ýaşaýan S. Garrybaýewiň öýünde köp düşleýändigini anyklapdyrlar. S. Garrybaýew bilen geçirilen degişli işleriň netijesinde içeri işler guramalaryna ony hyzmatdaşlyk etmäge yrmak başardýar. S. Garrybaýew Ata Mäneli we onuň her bir hereketi barada içeri işler

edaralaryny habardar edip durmaga, eger-de şowuna düşse, ony ýok etmäge hem borçlanýar. Öz gezeginde içeri işler edaralary hem gaçakçynyň garşysyna gozgalan jenaýat işini ýatyrmagy we ony jeza çekmekden boşatmagy wada edýärler (TMDA, g. p-78, ý. 2, iş 53, s. 13.).

1925-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Ata Mäneliniň dört sany ýigitden ybarat topary Merw okrugynyň Togtamyş wolostynyň Köşk obasynyň ýanynda okrugyň jenaýat agtaryş bölümiň işgärleriniň üstüne çozupdyrlar. Olaryň arasynda ýerli GPU-nyň "Pulemýot" we "Babaýew" lakamly iki sany agenti hem bar eken. Bu agentler Ata Mäneliniň toparyny ýüze çykarmak we yzarlamak üçin Kulyýewiň serkerdeligindäki milisiýa otrýadynyň ýanynda hereket edipdirler. Merw okrug jenaýat agtaryş bölüminiňiň maglumatyna görä, agentleriň elinden 2 sany tüpeň, 2 sany sapança, 150 sany tüpeň oky, 13 sany sapança oky alnypdyr (TMDA, g. 2, ý. 2, iş 6, s. 34; g. P-78, ý. 2, iş 53б, s. 11.) .

Merw okrug milisiýa edarasynyň başlygy Mätreýimow we edaranyň başlygynyň syýasy işler boýunça kömekçisi Bobikow S. Garrybaeýewe Ata Mänelini aldap gara öýe salmagy we gürrüňe güýmäp ýok etmegi tabşyrýarlar. Şu maksat bilen oňa sapança hem berýärler. Ata Mänelini ýok etmek işini ýeňilleşdirmek üçin onuň öýüniň golaýyna meýletin milisiýa otrýadynyň alty sany işgärini hem ugradýarlar. Bu adamlar tüpeň sesi çykan badyna gara öýe kürsäp girip öňde goýlan wezipäni amal etmelidiler.

1925-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda G. Nazarow otrýadyna gije sagat ikide Türkmengala tarap ugramaga buýruk berýär. Emma Ata Mäneliniň topary eýýäm Gowşutbende tarap ugrapdy. Ir sagat ýedilerde G. Nazarow olaryň yzyndan G. Tüňňiýewiň baştutanlygynda 16 atly iberýär. Onuň otrýadyna Ata Mäneliniň ýigitlerini gabamak we ýok etmeklik tabşyrylýar. Emma Gowşutbendiň golaýynda garşydaşyny gabamakçy bolýan otrýadyň özi gamyşlykda bukuda ýatanlaryň güýçli ot açylyşyna sezewar edilýär. Atyşykda sowet otrýadynyň 1 ýigidi öldürilýär, 1-i ýaralanýar we 4 sany aty öldürilýär. Sowet otrýady yza çekilýär, Ata Mäneliniň topary bolsa Garybata obasyna tarap gidýär (TMDA, д. 23, с. 153.).

G. Nazarow garşydaşlarynyň Garybata tarap gidendikleri hakyndaky habary alyp, ýanynyň 12 sany ýigidi bilen Türkmengaladan çykyp ugraýar. Garybataň golaýynda otrýad olaryň yzyndan ýetýär, emma Ata Mäneli ýigitleri bilen G. Nazarowyň otrýadyny 100 ädim aralykdan oka tutýar. Sowet otrýadynyň 2 ýigidini ýaralap, Ata Mäneliniň topary Syçmaz obasyna tarap yza çekilýär. Soň şol ýere G. Nazarowyň özi hem ugraýar (TMDA, iş 109, s. 153.).

Ata Mäneli Garybataň günorta-gündogarynda sowet otrýadlary bilen söweşmegi karar edýär. Şol ýerde G. Nazarow we H. Jümmiýew otrýady üç topara bölüp, Ata Mäneliniň toparynyň üstüne hüjüm edýär. Gazaply atyşyk başlaýar: çepden – H. Jümmiýew, sagdan – O. Tekäýew, edil maňlaýdan bolsa G. Nazarow hüjüm edýär. Garşydaş tarap berk garşylyk görkezipdirler. Emma olaryň bukuda ýatan ýerleri sowet otrýady tarapyndan eýelenýär.

Ulagsyz galan 7 sany sagdyn we 4 sany ýaraly ýigitler, güýçli ot açmak bilen agyr ýaraly Ata Mäneliniň gabawdan çykyp gitmegini üpjün edýärler. Söweş bolan ýerden sowet otrýady birnäçe aty olja alýar. Olaryň arasynda Ata Mäneliniň eýeri gana boýalan aty hem bar eken. Soň anyklanylyşyna görä, şol söweşde Ata Mäneli garnyndan hem döşünden ok degip, agyr ýaralanýar we atyň üstünde oturyp bilmeýändigi zerarly iki sany ýakyn

ýoldaşy ony atyň öňüňe basyp alyp gidipdirler. Ata Mäneli dagy bilen bilelikde ýene-de birnäçe ýigit söweş bolýan ýerden çykyp gidýär (TSRMDA, ф.51, оп. 16, д. 769, s. 124.).

Ata Mäneli ýoldaşlaryndan özüni Gowşutbentde ýaşaýan tanşy S. Garrybaýewiň öýüne eltmeklerini soraýar. Emma 1925-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda S. Garrybaýewiň öýüne getirilen Ata Mäneli öý eýesi tarapyndan haýynlyk bilen öldürilýär.

Ata Mänälini ýok etmek üçin içeri işler edaralary ýene-de bir maksatnama işläp düzýärler. GPU tarapyndan düzülen şol maksatnama boýunça 1924-nji ýylyň dekabrynda Ata Mäneli bilen bilelikde sowet hökümeti bilen "ýaraşyp", ýaragyny tabşyran Gurt Sähetli çekistler tarapyndan "işlenilýär". Oňa Ata Mänelini öldürmek tabşyrylýar. Eýýäm mälim bolşuna görä, oňa bu işi amala aşyrmak başartmaýar. Gurda soň Hydyr Ärsaryny öldürmek tabşyrylýar. Emma Hydyr Ärsara öz garşysyna guralan "duzagyň" üstüni açmak başardýar we Gurduň özi bu işiň pidasy bolýar.

Ata Mäneli wepat bolandan soň onuň yzyny Hydyr Ärsary, Hangeldi Haryn, Rejep Mämmetguly dowam etdirýärler. 1925-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda G. Tüňňiýewiň serkerdeligindäki çalt hereket edýän milisiýa otrýady Türkmengaladan Baýramala barýarka Haryn diýen ýerde Atanyň öňki ýigitleriniň biri, asly Poltorask okrygyndan bolan Çara (familiýasy näbelli) sataşýar we atyşykda ol öldürilýär. 14 oktýabrda Baýramaly wolostynyň 60-njy obasynyň ýanynda bolan atyşykda Ata Mäneliniň ýakyn egindeşi Rejep Mämmetguly ogly hem öldürilýär. Saklanyp galan arhiw maglumatyna görä, ol iň soňky okuna çenli aýratyn erjellik bilen atyşypdyr (TMDA, g. p-78, ý. 2, iş 53, s. 22.).

Merw okrugynda hereket eden käbir kiçiräk toparlaryň hereketi bes edip parahatçylykly zähmete geçenleri hem bolupdyr. Merw okrug administratiw bölüminiň we okrug milisiýasynyň başlygy Mätreýimow B. Şirmämmedowyň baştutanlygynda okrugda hereket eden toparyň ýaragyny tabşyrandygyny we häzirki döwürde onuň daýhançylyk bilen meşgullanýandygyny TSSR GPU-nyň Merkezi administratiw uprawleniýesine habar beripdir (TMDA, g. 2, ý. 2, iş 6, s.124.).

**Netije**

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başlarynda sowetlere garşy hereketiň ýaýran ýerleriniň biri-de Zakaspi oblasty boldy, Tejen sebitleri bolsa Zakaspidäki sowetlere garşy hereketiň merkezine öwrüldi. 1925-nji ýylyň 14-nji sentýabryna çenli Türkmenistan boýunça dürli sebäplere görä (ýok edilen, daşary ýurda giden, baştutany öldürilen we dargan) 17 sany topar hasapdan öçürilipdir. (TMDA, g. p-78, ý. 2, iş 26, s. 3.) Muňa garamazdan, sowet häkimiýetine garşy göreş tamamlanmandyr. Tersine, XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymynda sowet häkimiýetini berkitmek bilen baglanyşykly möhüm durmuş-ykdysady, syýasy we medeni çäreleriň geçirilip başlanmagy bilen Türkmenistanda ýaragly çykyşlar gaýtadan tutaşyp başlaýar.

## Annotasiýa

Sowet döwründe (1917-1991) Orta Aziýanyň beýleki respublikalarynda bolşy ýaly, Türkmenistanda hem sowetlere garşy hereket barada köp işler ýazyldy. Esasan hem 1918-1921-nji, 1924-nji, 1927-1928-nji we 1931-1933-nji ýyllaryň wakalaryna köp üns berildi. Bu wakalar esasan Türkmenistanyň häzirki Daşoguz (Hywa türkmenleriniň ýaşan ýerleri) we Balkan welaýatlarynyň ýerlerinde bolup geçdi. Emma 1920-1925-nji ýyllarda öňki Zakaspi oblastynyň (1921-nji ýyldan 1924-nji ýylyň oktýabryna çenli Türkmen oblasty) Aşgabat, Tejen we Merw okruglarynda sowetlere garşy alnyp barlan göreşler barada düýbünden diýen ýaly ýazylmady. Onuň hem esasy sebäbi bu ýerlerde sowetlere garşy hereket Türkmenistanyň galan ýerlerindäkä garanda pes derejede boldy. Ýazylan işleriň aglabasy üçin wakalary birtaraplaýyn beýan etmeklik häsiýetlidi. Şonuň üçin hem bu makalada Türkmenistanyň arhiwlerinden alnan maglumatlaryň esasynda 1920-1925-nji ýyllarda Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasynyň (TASSR) Zakaspi (Türkmen) oblastynda sowet häkimiýetine garşy duran gozgalaňçy toparlaryň, olaryň alyp baran söweş hereketleriniň taryhyny açyp görkezmäge synanyşyk edilýär.

**Açar sözler:** Türkmen, Türkistan, Zakaspi oblasty, Sowetler, Garşy Hereket

**Edebiýat (Kaynaklar)**

Annaorazow J. - Aşyrow, T. (2017). "Emigratsiýa w Turkmenistane (20-30-e gody XX weka)" Akademik Bakış (61), 81-90.; (2016), "İz İstorii Politiki Raskulaçiwaniýa w Turkmenistane" The Journal of Academic Social Sciences, (32), 172–185.; (2016). "Antisowetskoýe Wooruzennoýe 0,Wosstaniýe w Turkmenistane" Journal Of History School, 9(XXVII), 309–368.

Annaorazow J. (1998). Sud'ba Hojakuli Niýazkuliýewa. Wozrojdeniýe. 11.

Başmakala, "Türkistanda Askerlik Meselesi" Ýeni Türkistan žurnaly, san 9 (Ýyl 1), Fewral 1928, s.1-6.

Başmakala, "Ýeni Türkistan we Ruslar" Ýeni Türkistan žurnaly, san 32 (Ýyl 5), Fewral 1931, s.3-9.

Baýmyrza, Haýyt. (1995). Türkistan Dewletleriniň Milli Müjadeleleri Tarihi. Ankara: Türk Tarih Kurumu ýaý.

Baýmyrza, Haýyt. (1997). Basmaçylar: Türkistan Milli Müjadele Tarihi (1917-1934). Ankara: Türkiýe Diýanet Vakfy ýaý.

Broxup, Marie. (1984). Basmacılar. (ter. Yuluğ Tekin Kurat). Ankara: Orta Dogu Teknik Uniwersiteti ýaý.

Karaş Han oğlu Ýomudskiý. (1927). Turkmenı i rewolýutsiýa (Desýat' let tomu nazad w Turkmenii). Turkmenowedeniýe.

Karpow, G. I. (1940). Türkmenistanda graždanlyk uruşy, Aşgabat: Türkmenpartneşr.

Karpow, G. I. (1934) Bor'ba s basmaçestwom w Turkmenii w period 1920-1924 gg.

Narmedow, S. (1976). Horezmde Kontrrewolyusiýanyň derbi-dagyn edilmegi" Aşgabat: Ylym.

Nepesow, G. (1962). Iz istorii Horezmskoý rewolýutsii. 1920-1924. Taşkent.

Podgotowka i prowedeniýa Welikoý Oktyabr'skoý sotsialistiçeskoý rewolýutsii w Turkmenistane. (1982). Aşgabat.

Şagulyýew, A. (1992, 1994.) Ata Mäneli. 1-2-nji kitaplar. Mary.

Täşliyew, Ş. (1983). Türkmenistanda Graždanlyk urşy we İňlis harby interwensiyasy, jilt. I-II. Aşgabat: Ylym.

Taşliýew, Ş.. Kuprikowa Y. (1984). "Likwidatsiya basmaçestwa w Turkmenistane". Basmaçestwo: sotsial'no-politiçeskaýa suşsnost'. Taşkent: Fan ýaý.

Togan, Z. W. (1981). Bugünkü Türk ili (Türkistan) we ýakyn tarihi. (jilt 1) İstanbul: Enderun Kitabewi ýaý.

Türkmenistanyň Merkezi Döwlet Arhiwi (TMDA).

Türkmenistanyň Syýasy Resminamalaryň Merkezi Döwlet Arhiwi (TSRMDA).

Ýeni Türkistan žurnaly, san 20 (Yeni 7-8), Aprel 1929